THE ASHGABAT TIMES

2024-nji ýylyň 10-15-nji martynda Sankt-Peterburgdaky Irki gatyşmak institutynyň ýerine ýetiriji direktory we ÝUNISEF-iň konsultanty Ýewgeniýa Ýermolaýewa Türkmenistana sapar etdi.

Saparyň dowamynda hanym Ýermolaýewa irki gatyşmak hyzmatlaryny bermek üçin dersara hünärmenleri taýýarlamaga gönükdirilen 1-nji okuw modulyny geçirdi. Bu okuw milli çaga ideg hünärmenlerini Türkmenistanda irki çaga ösüş hyzmatlaryny ösdürmäge gönükdirilen möhüm başarnyklar, bilimler we ukyplar bilen üpjünetmek boýunça döredilen 6 modulyň 1-njisidir.




Все права защищены

22.11.2024